#173 (195)
среда, 17 апреля 2024 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI



**12-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň möhüm meselelerine garaldy.**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa milli kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda iş toparlary tarapyndan Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň täze beýanynyň, «Magtymguly Pyragynyň medeni mirasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamalaryny taýýarlamak hem-de «Bedenterbiýe we sport hakynda», «Tohumçylyk işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek boýunça işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow milli kanunçylyk ulgamyny döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmek boýunça netijeli işleri dowam etdirmegiň wajypdygyny belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow ykdysadyýetiň pudaklaryna sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, şol sanda haýyr-sahawat etmek maksady bilen, menzilara töleg etmek hyzmatlaryny işe girizmek babatda görülýän çäreler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan işlenip taýýarlanan «Senagat töleg» ykjam programma üpjünçiliginde ýurdumyzyň raýatlaryna haýyr-sahawat serişdelerini geçirmek üçin nagt däl görnüşinde töleg etmek hyzmatyny girizmek baradaky teklip barada habar berildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan haýyr-sogaply işlerini aýratyn belledi. Hormatly Prezidentimiz raýatlarymyzyň isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen, gaznanyň hasabyna meýletin haýyr-sahawat serişdelerini sanly ulgam arkaly geçirmek baradaky teklibi goldap, wise-premýere bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary B.Amanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, B.Atdaýew, M.Mämmedowa gözegçilik edýän ugurlarynda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz degişli yzygiderlilikde hasabatlary diňläp, ähmiýet berilmeli möhüm wezipelere ünsi çekdi we anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli guraljak çäreleriň çäklerinde 18-nji maýda geçiriljek «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly halkara ylmy maslahata görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzda we daşary ýurtlarda beýik akyldaryň edebi mirasyna bagyşlanan çäreleriň üstünlikli geçirilýändigini, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyň işjeň ösdürilýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyz şu ýylyň 18-nji maýynda paýtagtymyzda «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly halkara ylmy maslahatyň ýokary derejede geçirilmegini üpjün etmegi wise-premýere tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi. Ol Birleşen Milletler Guramasynyň Nýu-Ýorkdaky ştab-kwartirasyndan gelip gowşan hoş habar barada aýtdy. BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň mejlisinde Türkmenistan 2025 — 2029-njy ýyllar üçin BMG-niň Durmuş ösüşi boýunça komissiýasynyň agzalygyna biragyzdan saýlanyldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy bu üstünlik bilen tüýs ýürekden gutlap, döwlet Baştutanymyza iň gowy arzuwlary beýan etdi.

Hormatly Prezidentimiz bu hoş habary kanagatlanma bilen kabul edip hem-de Ministrler Kabinetiniň agzalaryna we ähli watandaşlarymyza ýüzlenip, şu ýylyň 9-njy aprelinde Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň mejlisiniň dowamynda geçirilen saýlawlaryň netijesinde Türkmenistanyň 2025 — 2029-njy ýyllar üçin BMG-niň Durmuş ösüşi boýunça komissiýasynyň agzalygyna biragyzdan saýlanylandygyna ünsi çekdi.

Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, munuň özi ýurdumyzyň alyp barýan oňyn Bitaraplyk syýasatynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giňden goldaw tapýandygynyň ykrarnamasydyr. Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň geljekde-de BMG bilen bu ugurda netijeli hyzmatdaşlygy dowam etdirjekdigini nygtap, hemmeleri bu şatlykly habar bilen tüýs ýürekden gutlady.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew şu ýylyň 15 — 19-njy apreli aralygynda Aşgabat şäherinde Demir ýollaryň hyzmatdaşlygy guramasynyň agza döwletleriniň demir ýol ulaglary edaralarynyň ýolbaşçylarynyň we jogapkär wekilleriniň maslahatynyň 38-nji mejlisine görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, maslahatyň gün tertibine laýyklykda, guramanyň ýöriteleşdirilen komissiýalarynyň we hemişelik iş toparlarynyň 2023-nji ýyl üçin işleriniň netijelerine seretmek, geljek ýyllar üçin iş meýilnamasyny ara alyp maslahatlaşmak, guramany ösdürmegiň Strategiýasynyň taslamasyny düzmegiň maksadalaýyklygyny öwrenmek, demir ýol ulgamynda işgärleriň hünär taýýarlygy, okuwlary guramak bilen bagly birnäçe ugurdaş meseleleri ara alyp maslahatlaşmak göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda sebit ähmiýetli ulag geçelgelerini ösdürmekde maksatnamalaýyn işleriň durmuşa geçirilýändigini, özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz agentligiň ýolbaşçysyna Aşgabat şäherinde Demir ýollaryň hyzmatdaşlygy guramasynyň agza döwletleriniň demir ýol ulaglary edaralarynyň ýolbaşçylarynyň we jogapkär wekilleriniň maslahatynyň 38-nji mejlisini ýokary derejede geçirmek üçin gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisini jemläp, hemmelere berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ О.КОНОНЕНКО С ДНЁМ КОСМОНАВТИКИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил Герою Туркменистана и Российской Федерации, инструктору-космонавту-испытателю, командиру отряда космонавтов Государственной корпорации по космической деятельности «Роскосмос» Олегу Кононенко сердечные поздравления по случаю профессионального праздника – Дня космонавтики.

«Вы открыли новые страницы в истории космонавтики. Мы гордимся Вашими достижениями в деле изучения и освоения космического пространства», – отметил в своём послании глава государства.

Президент Туркменистана выразил Олегу Кононенко пожелания крепкого здоровья, оптимизма, новых открытий и высоких достижений в ответственной деятельности.

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ О.КОНОНЕНКО С ДНЁМ КОСМОНАВТИКИ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил Герою Туркменистана и Российской Федерации, инструктору-космонавту испытателю, командиру отряда космонавтов Государственной корпорации по космической деятельности «Роскосмос» Олегу Кононенко искренние поздравления по случаю Дня космонавтики.

«Являясь представителем благородной профессии, Вы последовательно вносите вклад в развитие современной науки, которая способна улучшить жизнь всего человечества», – отметил в своём послании Герой-Аркадаг.

Национальный Лидер туркменского народа от всей души пожелал космонавту крепкого здоровья, бодрости духа, счастья и удачи в покорении новых просторов таинственного космоса.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА СИРИЙСКОЙ АРАБСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Сирийской Арабской Республики Башару Аль Асаду по случаю Дня независимости Сирийской Арабской Республики.

Пользуясь этой возможностью, глава Туркменского государства выразил Президенту Башару Аль Асаду искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему народу Сирии – мира, дальнейшего прогресса и процветания.



## TÜRKMEN-ÖZBEK GATNAŞYKLARYNY ÖSDÜRMEK MESELELERI ARA ALNYP MASLAHATLAŞYLDY

2024-nji ýylyň 15-nji aprelinde Daşkent şäherinde «Merkezi Aziýa Aýlagdaky arap döwletleriniň hyzmatdaşlyk geňeşi» Daşary işler ministrleriniň ikinji duşuşygynyň maksatnamasynyň çäklerinde Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Daşary işler ministri Raşid Meredowy kabul etdi.

Söhbetdeşligiň başynda Türkmenistanyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy Özbegistanyň Prezidentine Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň we Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň salamlaryny we iň oňat arzuwlaryny ýetirdi.

Duşuşygyň dowamynda dostlukly we hoşniýetli türkmen-özbek gatnaşyklarynyň, ikitaraplaýyn çuňňur strategiki hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegi ýaly wajyp meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Özara söwda dolanyşygynyň ösýändigi, şol bir wagtyň özünde hem senagat kooperasiýasy, energetika, ulag we logistika, oba hojalygy pudaklarynda özara bähbitli hyzmatdaşlygyň dowam etdirilýändigi aýratyn kanagatlanma bilen bellenildi.

Sebitara gatnaşyklar we medeni-ynsanperwer ugrundaky hyzmatdaşlyk has-da giňeýär. Şu ýyl Özbegistanda türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyny bellemek bilen baglanyşykly birnäçe çäreler geçiriler.

Öňde boljak ýokary derejeli duşuşyklara taýýarlyk görmegiň çäklerinde köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň täze gün tertibiniň döredilmegine aýratyn üns berildi.

Şeýle hem sebit we halkara gün tertibiniň wajyp meseleleri boýunça pikir alyşmalar boldy.

---

## TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRINIŇ ORUNBASARY GDA-NYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLERINIŇ GEŇEŞINIŇ MEJLISINE GATNAŞDY

**2024-nji ýylyň 12-nji aprelinde Minsk şäherinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Daşary işler ministrleriniň Geňeşiniň nobatdaky mejlisi geçirildi.**

Duşuşyga Azerbaýjan Respublikasynyň Daşary işler ministri D.Baýramow, Belarus Respublikasynyň Daşary işler ministri S.Aleýnik, Gazagystan Respublikasynyň Premýer-ministriň orunbasary, Daşary işler ministri M.Nurtleu, Gyrgyzystan Respublikasynyň Daşary işler ministri Ž.Kulubaýew, Russiýa Federasiýasynyň Daşary işler ministri S.Lawrow, Täjigistan Respublikasynyň Daşary işler ministri S.Muhriddin, Özbegistan Respublikasynyň Daşary işler ministri B.Saidow, Ermenistan Respublikasynyň Daşary işler ministriniň orunbasary M.Safarýan, Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary S.Muhammetdurdiýew, GDA-nyň Baş sekretary S.Lebedew gatnaşdylar.

Dar düzümdäki duşuşykda daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary halkara gün tertibindäki wajyp meseleler we Arkalaşygyň meýdançasyndaky özara gatnaşyklar barada pikir alyşdylar. Daşary işler ministrleriniň Geňeşiniň indiki mejlisiniň geçiriljek senesi we ýeri barada çözgüde gelindi we ony 2024-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda Moskwada geçirmek meýilleşdirildi.

Giňişleýin düzümdäki duşuşykda wekiliýetleriň ýolbaşçylary GDA agza ýurtlara ugradylýan wekiliýetleriň hukuk ýagdaýy baradaky Konwensiýanyň taslamasyna garamak ýaly birnäçe meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar. Daşary işler ministrleriniň Geňeşiniň agzalary agzalan resminamany golladylar.




Konwensiýany baglanyşmagyň maksady Arkalaşyga agza ýurtlaryň wekiliýetleriň saparlaryny guramagyň amaly meselelerini halkara hukuk derejesinde düzgünleşdirmekden ybaratdyr.

Resminama adalgalar binýadyny, wekiliýetleri ibermegiň we degişli hünärmenleri bellemegiň tertibini kesgitlär, şeýle hem wekiliýet agzalarynyň öz wezipelerini ýerine ýetirmekleri üçin zerur bolan artykmaçlyklary we eldegrilmesizligi düzgünleşdirer.

Daşary işler ministrleri ýakyn iki ýyl üçin GDA-nyň sport paýtagtlaryny kesgitlediler. Hususan-da, 2025-nji ýylda Ganja şäheri (Azerbaýjan Respublikasy) Arkalaşygyň Sport paýtagty derejesini alar, 2026-njy ýylda Almaty şäheri (Gazagystan Respublikasy) GDA-nyň sport merkezine öwrüler.

Şeýle-de mejlisiň barşynda geçen ýyl üçin Arkalaşyga agza ýurtlaryň daşary syýasat edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek boýunça Hereketleriň Maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň netijeleri makullanyldy.

Duşuşykda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna BMG-niň Baş Assambleýasynda synçy derejesiniň berilmeginiň 30 ýyllygy bilen baglanyşykly Beýannama hem gol çekildi.

GDA-nyň Daşary işler ministrleriniň Geňeşiniň mejlisiniň çäklerinde Minsk şäherinde Russiýanyň we Merkezi Aziýa döwletleriniň Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň we Özbegistanyň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylarynyň ýedinji duşuşygy geçirildi. Daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary 2022-nji ýylyň oktýabrynda döwlet Baştutanlarynyň bu formatdaky ilkinji sammitiniň netijelerini durmuşa geçirmek nukdaýnazaryndan alty taraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we ony ösdürmegiň mümkinçilikleri barada pikir alyşdylar.

Şeýle hem duşuşygyň dowamynda wajyp halkara we sebit meseleleri boýunça pikir alyşyldy. Ekologiýa meselelerine we bu ugurdaky hyzmatdaşlygyň geljegine hem aýratyn üns berildi.

## Political consultations between the Ministries of Foreign Affairs of Turkmenistan and the Republic of Uzbekistan took place



On April 16, 2024, political consultations were held in Tashkent between the Foreign ministries of Turkmenistan and the Republic of Uzbekistan.

The delegations were headed by the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan R.Meredov and the Minister of Foreign Affairs of the Republic of Uzbekistan B.Saidov.

The ministers noted the dynamics of the development of Turkmen-Uzbek relations, emphasizing the key role of high-level visits in promoting bilateral relations.

During the consultations, the current state and prospects of bilateral cooperation, issues of expanding political relations and filling them with practical content, including the implementation of previously reached agreements, were discussed.

The important role of parliamentary diplomacy in the progressive development of Turkmen-Uzbek relations was emphasized. In this context, common opinions were expressed regarding the further intensification of the traditional inter-parliamentary dialogue.

Stating the positive experience of interaction between the two countries within the framework of international and regional organizations, in particular the UN and its structural divisions, the parties stressed the commitment of both parties to the search for effective multilateral mechanisms to maintain stability, economic growth and security in the region and in the world.

Particular emphasis was placed on intensifying cooperation in the trade and economic sphere, where there is a solid potential for joint work. In this regard, the importance of the joint Intergovernmental Commission on Trade-Economic, Scientific-Technical and Cultural Cooperation was noted.

Also during the meeting, issues of deepening cooperation in the transport and logistics, energy, chemical, industrial sectors and in the field of information security were discussed.

In addition, the parties considered issues of interaction in the field of cultural and humanitarian cooperation. In this context, the parties emphasized the importance of holding joint events on the occasion of the 300th anniversary of the birth of the great poet and thinker of the East Magtymguly Fragi in Turkmenistan and the Republic of Uzbekistan.

## International scientific conference dedicated to the 300th anniversary of Magtymguly Fragi

**On April 10, 2024, within the walls of the All-Russian State Library of Foreign Literature named after M.I.Rudomino, an international scientific conference was held dedicated to the 300th anniversary of Magtymguly Fragi entitled «The contribution of the Turkmen poet, philosopher and thinker of the East Magtymguly Fragi to world literature».**

The event was organized by the Embassy of Turkmenistan in the Russian Federation together with the All-Russian State Library of Foreign Literature named after M.I.Rudomino.

The conference was attended by prominent figures of culture and art, literature, public figures, literary scholars and philologists of Turkmenistan and Russia, diplomats, and media representatives.



An exhibition of works of modern Turkmen national fine and decorative arts was displayed in the Oval Hall of the library.

The speakers emphasized the importance of further building up bilateral Turkmen-Russian cooperation, based on the values and principles reflected in the works of Magtymguly Fragi. According to the conference participants, Magtymguly Fragi, whose poems have been translated into many foreign languages and published in dozens of countries around the world, is a great thinker who has made a significant contribution to the enrichment of Turkmen and world literature with his works.

During the event, the poet's poems were read, and songs based on Magtymguly's poems were also performed.

As part of the event, the Ambassador of Turkmenistan E.Aydogdyev presented the General Director of the All-Russian State Library of Foreign Literature named after M.I.Rudomino P.Kuzmin with copies of Magtymguly's books in different languages of the world.

## A meeting of the Turkmenistan-EU Working Group on Energy was held in Brussels

Today, the delegation led by the Deputy Chairman of Turkmengas State Concern engaged in several meetings in Brussels. The primary focus was on the Turkmenistan-EU Energy Working Group meeting. This included representatives from the Directorate General for Energy of the EU Commission, European External Action Service, Directorate General for International Partnerships, Directorate General for Climate, and Directorate General for Trade on the EU side. The Turkmen side was represented by members from Turkmennebit State Concern, Turkmenenergo State Electric Power Corporation, and the Embassy of Turkmenistan in Brussels.

The day commenced with a discussion between the Turkmen delegation and Stefano Grassi, Head of Cabinet of the European Commissioner for Energy. This meeting centered on enhancing EU-Turkmenistan cooperation in the energy sector, focusing on technology exchanges. Topics discussed included the historical context of EU-Central Asia relations, Turkmenistan's potential in the energy market—highlighting its natural gas reserves and supply capabilities—various infrastructural and cooperative frameworks, logistics of gas supply routes, and environmental considerations, especially in light of the Global Methane Pledge concerning methane emission standards.

The importance of technical cooperation, technology transfer, and financial incentives for promoting clean energy and infrastructure development was also underscored. Both parties expressed ongoing commitment to energy cooperation, environmental sustainability, and technological advancement.

Additionally, the Turkmen delegation met with Tibor Stelbaczky, Principal Adviser on Energy Diplomacy at the European External Action Service. Their discussion emphasized cooperation in renewable energy, methane emissions reduction, and the natural gas supply from Turkmenistan, highlighting the importance of continuous dialogue and mutual visits.

During the Turkmenistan-EU Energy Working Group meeting, the key topics included the diversification of Turkmen gas supply routes, recent developments and practical cooperation opportunities regarding methane emissions, and goals to triple renewable energy installations and double energy efficiency improvements globally. The meeting noted these efficiency strategies as significant opportunities, referencing Turkmenistan's announcement at COP28 in Dubai to join the Global Methane Pledge, which the European Union welcomed.

The EU delegation discussed the bloc's efforts to diversify energy sources as part of its transition to cleaner energy, including projects to repower the EU through diversified gas sources and renewable energy. The necessity of pragmatic, direct dialogue for operational effectiveness and the importance of international collaborations, such as the International Methane Emissions Observatory and other organizations like the World Bank, were emphasized to ensure compliance with methane reduction standards.

The Turkmen delegation briefed on the latest developments in their national energy sector, the legal framework, diversification efforts, commitment to sustainable and climate-friendly energy measures, and the pilot project for solar energy. They also expressed readiness to enhance cooperation in energy transition and methane emission reduction. The discussions also addressed the broader geopolitical implications and the strategic importance of fostering strong partnerships to ensure energy security and sustainability in the region.

Интернет газета
Международные новости

## Конференция «Продвижение мира: Реализация стратегий по укреплению доверия между странами»

***11 апреля 2024 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась Конференция «Продвижение мира: Реализация стратегий по укреплению доверия между странами».***

В конференции приняли участие Заместитель Председателя Кабинета Министров, министр иностранных дел Р.Мередов, Специальный представитель Генерального секретаря, Глава Регионального Центра ООН по Превентивной дипломатии для Центральной Азии К.Имнадзе, Постоянный координатор ООН в Туркменистане Д.Шлапаченко, Глава Центра Организации по безопасности и сотрудничеству в Европе (ОБСЕ) в Ашхабаде Д.МакГрегор, представители дипломатического корпуса аккредитованных в Туркменистане, профессорско-преподавательский состав института, а также студенческая молодёжь.



Кроме того посредством цифровой видеосвязи выступили Заместитель генерального директора Всемирной торговой организации С.Чжан, Помощник Генерального секретаря, помощник Администратора и директора Регионального бюро для Европы и Содружества Независимых Государств Программы развития ООН И.Живкович, Заместитель Генерального Директора и Региональный представитель Продовольственной и сельскохозяйственной организации ООН по Европе и Центральной Азии В.Гуцу и Региональный директор Координационного бюро ООН по развитию в Европе и Центральной Азии Г.Сон.

Участники конференции в своих выступлениях отметили что, на 63-м пленарном заседании 78-й сессии Генеральная Ассамблея ООН по инициативе Туркменистана 21 марта 2024 года консенсусом была принята резолюция 78/266 о провозглашении 2025 года Международным годом мира и доверия, которая демонстрирует важность продолжения деятельности по продвижению культуры мирного диалога в международном сообществе.

Это стало очередным шагом в последовательных усилиях Президента Туркменистана по продвижению культуры мирного и доверительного диалога в международном сообществе. Как и предыдущие решения Генеральной Ассамблеи ООН о провозглашении 2021 года Международным годом мира и доверия и 2023 года – «Годом диалога как гарантии мира», новая инициатива на основе принципов Устава ООН и общепризнанных норм международного права с учетом актуальных реалий и тенденций мирового развития.

В завершение конференции ее участники приняли благодарственное Обращение к Президенту Туркменистана.

Конференция «Продвижение мира: Реализация стратегий по укреплению доверия между странами» продолжился под тематическими сессиями, как «Политические, гуманитарные и дипломатические механизмы для решения конфликтов и укрепления доверия», «Роль международных организаций в поддержке и содействии мирным процессам» и «Экономические аспекты поддержки устойчивого развития и мира».

## Turkmenistan and USA held annual turkmen-american political consultations

On April 14, 2024, the next round of annual political consultations between Turkmenistan and the United States took place at the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. During the negotiations, the Turkmen delegation was led by the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and the US delegation was led by Deputy Assistant Secretary of State for South and Central Asian Affairs John Pommersheim.

At the meeting, the parties discussed the current state and prospects for the development of turkmen-american relations, and also exchanged views on current issues of the international agenda.



The parties also discussed issues of regional and global security. Along with political issues, trade and economic ties, ecology, culture, education and humanitarian issues were noted among the priority areas of bilateral cooperation. Along with this, the importance of holding monthly meetings at the Ministry of Education of Turkmenistan and the approval of the road map in the field of education was noted. The importance of the Memorandum of Understanding on cooperation in the field of education was also stated, confirming the commitment of Turkmenistan and the United States to cultural and educational programs within the framework of key aspects of bilateral relations. The meeting participants also confirmed their support for the C5+1 multilateral diplomatic platform.

During the negotiations, the parties emphasized that solving environmental problems is an important factor in sustainable socio-economic development. In this area, the American side welcomed Turkmenistan's accession to the Global Methane Commitment.

The parties agreed that the establishment of inter-parliamentary cooperation will make it possible to maintain contacts and develop coordinated approaches to resolving pressing issues.

At the end of the meeting, the parties noted that annual bilateral consultations are a positively proven platform for further strengthening the Turkmen-American partnership.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Посол Туркменистана в Армении встретился с главой Аппарата премьер-министра республики*

Посол Туркменистана в Армении Мухамметгелди Азов встретился с руководителем Аппарата премьер-министра республики Араиком Арутюняном.

В ходе встречи стороны обсудили перспективы развития торговых отношений между двумя странами за счет использования транспортно-логистического потенциала Туркменистана.

Также была рассмотрена возможность активизации культурно-гуманитарных связей. В этой связи, Мухамметгелди Азов рассказал о запланированных в этом году в Туркменистане и за рубежом мероприятиях в честь 300-летнего юбилея выдающегося туркменского поэта, мыслителя и философа Махтумкули Фраги.

### *Туркменский посол обсудил с исполнительным директором Секретариата ЦА-Китай перспективы сотрудничества*

Посол Туркменистана в Китае Парахат Дурдыев встретился с исполнительным директором Секретариата ЦА-Китай У Инцином.

В ходе встречи стороны обсудили предстоящие мероприятия Секретариата в переходный период. В частности, участие в третьем раунде консультаций Секретариата в этом месяце в городе Сиань, встрече министров иностранных дел стран-участниц данной структуры во втором полугодии текущего года.

Пользуясь случаем, У Инцинь выразил благодарность туркменской стороне за участие в церемонии открытия Секретариата 30 марта 2024 года и поздравительное послание главы туркменского внешнеполитического ведомства.

### *В Москве прошла конференция, посвященная вкладу Махтумкули Фраги в мировую литературу*

Международная научная конференция «Вклад туркменского поэта, философа и мыслителя Востока Махтумкули Фраги в мировую литературу» прошла в Библиотеке иностранной литературы в Москве. В конференции приняли участие научные и общественные деятели, артисты, представители дипломатического корпуса, а также МИД и Министерства культуры России, исполнительного комитета СНГ.

Генеральный директор Библиотеки иностранной литературы Павел Кузьмин, который выступил модератором конференции, рассказал, что первые произведения Махтумкули на русском языке начали публиковать в 20-х годах прошлого века, в 1941 году вышли переводы Марка Тарловского, а в 1944-м - Георгия Шенгели.

Перед собравшимися выступил посол Туркменистана в РФ Эсен Айдогдыев. Он отметил, что рукописи произведений Махтумкули и их копии, датирующиеся XVIII и XIX веками, хранятся в собраниях не только в Туркменистане, но и Санкт-Петербурге, Ташкенте, Лондоне, Будапеште и Стамбуле.

### *Состоялась встреча Посла Туркменистана в Малайзии с Вице-президентом Сената Парламента Малайзии*

15 апреля 2024 года состоялась встреча Посла Туркменистана в Малайзии (г. Куала-Лумпур) М.Машалова с Вице-президентом Сената парламента Малайзии Датук Нур Джазлан бин Тан Сри Мохамед.

В ходе встречи было подчеркнуто, что парламентское сотрудничество двух стран является одним из важных инструментов обеспечения эффективных отношений, международного сотрудничества, укрепления взаимопонимания.

В завершении встречи Вице-президент Сената парламента Малайзии Датук Нур Джазлан бин Тан Сри Мохамед выразил заинтересованность в совершении визита в Туркменистан. Посол, в свою очередь, выразил благодарность и подчеркнул, что будущие визиты будут способствовать укреплению парламентских отношений между двумя странами.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***